# Bagt meni özüñ geläý ide-de…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bagt meni özüñ geläý ide-de… BAGT MENI ÖZÜÑ GELÄÝ IDE-DE…

Ýigit çykdym, geldim bu gün kemala,
Gaýyp ýörün ýelgamak deý, hamala,
Dönmek üçin yşk ýükçüsi hammala,
Çagalygym senden ara açdymmy?

Kän entedim diýip oña «Zaryñ men»,
Göz güldürip, gaşyn kakyp»Ýaryñ men»,
Diýse gözel saçlarynyñ taryndan,
Aslyşyplar, düýpsüz guýa gaçdymmy?

Durmuş guýa,ummanada meñzäp dur,
Duýgularym gursagymda müñzäp dur,
Gözýaşlarym gaçsam diýip dyñzap dur,
Didelemden gaçmasammy, gaçsammy?

Goý gaçmasyn, doñup galsyn didede,
Ejizlikdir gaçsa, mertlik nirede?
Bagt meni özüñ geläý ide-de,
Ýogsa bilmen, kowdummy ýa gaçdymmy?

Sanjar ANNAGYLYJOW. Goşgular